# Töhmetçä ultimatum

Category: Goşgular,Kitapcy,Sözler
написано kitapcy | 22 января, 2025
Töhmetçä ultimatum TÖHMETÇÄ ULTIMATUM

Her gün arza ýazýañ, dişiñi gyjap,
Töhmet atyp dosty-ýaryña, ýigit.
Utanmadyñ ilden, etmediñ ejap,
Nälet bolsun kesbi-käriñe, ýigit.

Her kimi göreñde münüp gahara,
Ýapyşdyñ syýañy garyp zähere.
Tüm garañky diýdiñ, ýagty sähere,
Töhmet atdyñ Günüñ nuruna, ýigit.

Diýýär iller: «Bu bir deregi dargan,
Gözlegiñ gowluk däl, iýmiti gargañ.
Diñe seniñ üçin näçe edarañ
Puly gitdi ýeliñ ugruna, ýigit.

Deñ-duşlaryñ diýse: «Biri sen ýaltañ»
Diliñde ajy söz, eliñde paltañ.
Ilden ilki senden iripdir atañ.
Ne jyn urdy namys-aryña, ýigit.

Töhmet atdyñ ak süýt beren enä-de,
Ömrüñ köýüp geçip barýar dünýäde.
Gulak asýar «haýt!» diýilse düýä-de.
Diñ salmadyñ asyl böwrüñe, ýigit.

Daşyña bir seret, durmuş gaýnaýar,
Ak atyz içinde eller oýnaýar.
Merdanalar onda güýjün synaýar,
Hyzmat edýär olar döwrüne, ýigit.

Şunça aýdan sözlerime garaman
Gezjek bolsañ, daşda sürgün arabañ.
Pürkäýseñ şolara duzly şerebäñ,

Sokaryn satirañ goruna ýigit.

Hapalatman saña durmuş sakasyn,
Kän görüpdim seniñ ýalyñ ýakasyn.
Ata Köpek saña tepbet okasyn?
Bar-da arz et, gümüñ görüne, ýigit.

Ata KÖPEKMERGEN. Goşgular